Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
ELECTRONIC NEWSPAPER

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty.

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№ 17 (100) 2024-nji ýylyň 10-njy iýuny



## HEPDÄNIŇ MÖHÜM HABARLARY

***3-nji iýunda*** Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Bütindünýä welosiped güni mynasybetli Aşgabatda guralan köpçülikleýin welosipedli ýörişe gatnaşdy.

Bu çärä Hökümet agzalary, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary, talyplar, dürli pudaklaryň işgärleri, şeýle-de daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary hem gatnaşdylar.

* * *

***3-nji iýunda*** Doha şäherinde Türkmenistanyň we Katar Döwletiniň Daşary işler ministrlikleriniň arasynda syýasy geňeşmeler geçirildi. Türkmen wekiliýetine Türkmenistanyň daşary işler ministriniň orunbasary Ahmet Gurbanow, Kataryň wekiliýetine Kataryň daşary işler boýunça döwlet ministri Soltan bin Saad Al-Muraihi ýolbaşçylyk etdi. Geňeşmeleriň dowamynda Türkmenistan bilen Katar Döwletiniň arasyndaky syýasy-diplomatik we medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýy barada pikir alşyldy.

* * *

***5-nji iýunda*** Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni mynasybetli Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow ýurduň daşky gurşawy goramak ulgamynyň işgärlerini, ähli halkyny gutlady.

* * *

***5-nji iýunda*** Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Daşoguz welaýatyna iş saparyny amala aşyrdy we ýurdumyzda bir bitewi halkalaýyn energoulgamyny döretmegiň taslamasynyň çäginde «Balkan — Daşoguz» ugry boýunça her biriniň güýjenmesi 500 kilowolt bolan täze howa elektrik geçirijisini we beketleri işe girizmek dabarasyna gatnaşdy.

* * *

***5-nji iýunda*** Brýussel şäherinde syýasy we howpsuzlyk meseleleri boýunça ÝB-Merkezi Aziýa ýokary derejeli dialogynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Oňa türkmen wekiliýeti hem gatnaşdy. Türkmenistanyň wekiliýetine Türkmenistanyň daşary işler ministriniň orunbasary A.Gurbanow ýolbaşçylyk etdi.

Mejlisiň dowamynda türkmen wekiliýeti ählumumy howplara, şol sanda terrorçylyga we kiberjenaýatçylyga garşy göreşmekde bilelikdäki tagallalar, geplesikler we halkara hyzmatdaşlygy arkaly syýasy durnuklylygy berkitmek, Owganystanda durnuklylygy gazanmak üçin halkara goldawy ýaly meselelerde Türkmenistanyň ileri tutýan garaýyşlaryny beýan etdi.

## Syýasy habarlar

* * *

***5-nji iýunda*** Wenada Bilelikdäki türkmen-awstriýa toparynyň 12-nji mejlisi geçirildi. Mejlisiň gün tertibine laýyklykda, taraplar senagatda innowasion tehnologiýalar, energetika, energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleri, ekologik taslamalar we galyndylaryň dolandyrylyşy, gurluşyk hem-de ulag infrastrukturasy, hyzmatlar ulgamy, saglygy goraýyş, derman senagaty, oba hojalygy we oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek ýaly ugurlarda döwletara gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

* * *

***6-njy iýunda*** Türkmenistanyň daşary işler ministri Raşid Meredow Aziýa Ösüş Bankynyň Merkezi we Günbatar Aziýa boýunça bölüminiň Baş direktory Ýewgeniý Žukow bilen duşuşdy. Duşuşygyň dowamynda taraplar Türkmenistan bilen Aziýanyň Ösüş Bankynyň (AÖB) arasyndaky gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýy barada pikir alyşdylar.

* * *

***7-nji iýunda*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Mejlisde şu ýylyň geçen bäş aýynda ýurduň ykdysadyýetiniň pudaklarynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri jemlenildi.

Sanly ulgam arkaly geçirilen Hökümet mejlisinde Türkmenistanyň Prezidenti käbir resminamalara hem gol çekdi.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**




### AN EDUCATIONAL MEETING ENTITLED «THE PRINCIPLE OF MORALITY IN THE CREATIVITY OF MAGTYMGULY»

On June 5, 2024, an educational meeting entitled «The Principle of Morality in the Creativity of Magtymguly» was held at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, jointly organized by the first Women's Union and the first Youth Organization of this higher educational institution. The meeting was attended by professors, instructors and students of the Institute.

Ogulnabat Ovlakova, a teacher of the secondary school No. 51 of Ashgabat an active member of the Central Council of the Women's Union of Turkmenistan and Arslanmyrat Rejepmyradov, the first head of the Youth Organization of Turkmenbashy Textile Complex located in Ashgabat, delivered speeches at the meeting.

During the meeting, the guests told interesting stories about the educational value of the works of Magtymguly Pyragy, the great poet of the Turkmen people, the sage of the East, in educating the youth and shaping the outlook of the younger generation.

At the end of the meeting, the participants expressed their deep gratitude to Hero Arkadag and Arkadagly Hero Serdar and wished them strong health, long life and great success in all their undertakings.

### ПУТЬ НАСТАВНИКА-ДИПЛОМАТА — ПРИМЕР ДЛЯ МОЛОДЕЖИ

6 июня 2024 года в конференц-зале института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана была проведена лекция, организованная научно-творческим кружком «Молодые журналисты» кафедры теории и практики журналистики института. Лекцию провел Чрезвычайный и Полномочный Посол Туркменистана, старший преподаватель кафедры международных отношений и дипломатии института Нурберды Аманмурадов при участии преподавателей и студенческой молодежи.

В ходе урока наставник-дипломат поделился своим опытом работы за рубежом, рассказал о геополитике и политических проблемах в мире. Также дипломат акцентировал внимание на влияние политики нейтралитета на мир и его преимущества, а также сотрудничество с ООН в этом отношении. В конце участники получили познавательные ответы на интересующие их вопросы.

### TALYBYMYZYŇ GAZANAN ÜSTÜNLIKLERI

2024-nji ýylyň 7-nji iýunynda Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde ýaşlaryň arasynda «Oguztaslama» atly innowasion tehnologiýa taslamalarynyň bäsleşigi geçirildi. Bu taslama bäsleşigine ýurdumyzyň dürli künjeklerinden mekdep okuwçylarynyň hem-de ýokary okuw mekdepleriniň talyplary 1000-den gowrak taslama işleri bilen gatnaşdylar.

Bäsleşigiň netijelerine laýyklykda, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara hukugy fakultetiniň 2-nji ýyl talyby Kadyrmyrat Öwezgylyjow baýrakly 2-nji orna hem-de kümüş medala mynasyp boldy.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# INTERNATIONAL ENERGY COOPERATION IS BEING STRENGTHENED

On June 5-6, an international scientific-practical conference titled "Ecological Aspects of Introducing Innovative Technologies in the Development of Hydrocarbon Deposits" was held at the "Archabil" hotel. It was organized by the "Turkmengaz," "Turkmennebit" state concerns and the state corporation "Turkmengeology." The event was not only broadcasted in a traditional format, but also digitally in dozens of countries around the world.

This meeting brought together representatives of various national and foreign companies working in this sector. They spoke on the issue of developing a strategy related to the future of the fuel and energy complex at the international, regional and national levels. They also presented analytical information on the state of affairs in the world oil market, marketing strategies in this area, shared their accumulated experience, and new developments. The purpose of the meeting is to strengthen international cooperation aimed at protecting the environment of Turkmenistan and the "green" future between major energy companies, international organizations, scientific societies and financial institutions.




During the general session "Energy Opportunities, New Technologies and Aspects of Exploitation of Hydrocarbon Deposits," experts noted that this conference allows to evaluate the future of development of energy diplomacy, creation of new technologies and transition to clean energy, review priorities, and heps to solve energy security, environmental protection issues.

During the meeting, experts emphasized the need to ensure the ecological purity of the oil industry, and that the technologies used should contribute to human environmental protection. Therefore, the development of effective and ecologically clean methods for the systematic exploitation of oil and gas deposits is of great importance in protecting the environment from pollution. At present, proposals and standards for new technologies of nature protection are being developed using best practices. Due to the use of the latest equipment and technologies for the extraction of hydrocarbon resources, the infrastructure related to the active development of oil and gas deposits will also evolve.

Then the work of the conference continued in the thematic sessions "New Technologies and Energy Transition Perspective," "Reduction of Methane and Carbon Dioxide Emissions in Hydrocarbon Production," "Green Energy Development Initiatives and New Funding Opportunities." The UN Permanent Coordinator in Turkmenistan Dmitriy Shlapachenko, Head of the OSCE Ashgabat Center John McGregor, Chief Executive Officer of "Capterio" Mark Davis, member of the Board of Directors of "SPE-International," Middle East and North Africa participated in the meetings and discussions of the conference. Regional Director Hesham Zubari, member of "Yug-Neftegaz Private Limited" Igor Zgurov, "PETRONAS Charigali (Turkmenistan) Sdn Bhd," "Baker Hughes," "NaPeCo," "Mitro International," "ADNOC," "CNPC," as well as experts from famous companies such as "Eni S.p.A.," "Dragon Oil," "Lukoil," leaders and representatives of the International Renewable Energy Agency (IRENA), World Gas Center, Forum of Gas Exporting Countries, Society of Petroleum Engineers, Secretariat of the Energy Charter participated in the conference.

Representatives of major international organizations and financial institutions – UN, OSCE, World Bank, Asian Development Bank, European Bank for Reconstruction and Development, Japan International Cooperation Bank – joined the discussions through video communication. During the meetings, leaders of the oil and gas industry of the country and foreign companies, leading experts have spoken.

As the foreign guests emphasized, Turkmenistan's approach to mutually beneficial cooperation, creative initiatives to create a new structure of global energy security are widely supported by the world community. Special attention was paid to the fact that the transition to clean energy is the priority of the economic strategy of Turkmenistan, which ranks fourth in the world in terms of natural gas reserves and implements a long-term, open policy based on the principles of national interests and mutual responsibility of all parties.

The participants of the meeting noted that the solution of the set tasks is directly related to the development of cooperation with foreign companies – manufacturers of equipment for the oil and gas processing industry, representatives of investment organizations.

Within the framework of the conference, online meetings were held between the managers of the enterprises of the fuel and energy sector of the country and their foreign partners to discuss the strategic areas of cooperation.

***Matgurban MATGURBANOV,***
***the 3rd year student of the Faculty of International Journalism.***

Every year on June 5th, people around the globe come together to celebrate the World Environment Day, an initiative led by the United Nations to raise awareness and spur action for the protection of our environment. Since the establishment of this day by the United Nations General Assembly in 1972, on the first day of the landmark Stockholm Conference on the Human Environment, it has been celebrated annually as

# UNITING FOR A GREENER FUTURE:

## WORLD ENVIRONMENT DAY AND THE FOURTH EDITION OF THE RED BOOK OF TURKMENISTAN



a platform for engaging governments, businesses, and individuals in environmental issues. Each year, the day is centered around a specific theme to focus attention on pressing environmental concerns.

The theme for the World Environment Day, 2024, is «Ecosystem Restoration,» highlighting the urgent need to revitalize our damaged ecosystems. This focus encompasses reforestation, habitat restoration, sustainable farming, and the protection of biodiversity. Ecosystem restoration is essential for combating climate change, ensuring food security, and supporting sustainable development. Governments, organizations, and individuals participate in various activities ranging from tree planting and clean-up campaigns to educational workshops and policy advocacy. The goal is not only to draw attention to environmental issues but to inspire real, actionable change. Turkmenistan has released the Fourth Edition of its Red Book: A Commitment to Conservation in Line with the Global Emphasis on Protecting Biodiversity, a crucial document that catalogs endangered species within the country. The Red Book of Turkmenistan, first published in 1985, serves as a vital tool for conservationists, policymakers, and researchers, providing detailed information on the status, threats, and conservation needs of various species. The fourth edition reflects significant advancements in the understanding of Turkmenistan's unique biodiversity. It includes updated assessments of species previously listed and introduces new entries, ensuring that the Red Book remains a comprehensive and current resource. This edition highlights several key species, such as the Turkmen wild sheep, the Caspian tiger, and various endemic plant species, underscoring the country's rich and diverse natural heritage. Turkmenistan's efforts to compile and update the Red Book demonstrate a strong commitment to biodiversity conservation. The government has implemented numerous initiatives aimed at protecting habitats, regulating hunting practices, and promoting sustainable land use. These efforts are crucial in the face of challenges such as habitat loss, climate change, and illegal poaching. The intersection of World Environment Day and the release of Turkmenistan's Red Book underscores a global and local dedication to preserving the environment. While the World Environment Day rallies international support and cooperation, the Red Book of Turkmenistan provides a focused approach to conserving the country's unique ecosystems. Both initiatives emphasize the importance of education and awareness. By informing the public about the plight of endangered species and the steps needed to restore ecosystems, these efforts encourage collective responsibility and action. The synergy between global and national endeavors is vital for creating a sustainable future. As we celebrate the World Environment Day and recognize the significance of the fourth edition of Turkmenistan's Red Book, it is a reminder that every action counts. From local conservation projects to global movements, each effort contributes to the overarching goal of environmental preservation. Together, we can foster a healthier, more resilient planet for future generations.

Conclusively, the presentation of the fourth edition of the Red Book of Turkmenistan represents a significant milestone in the country's conservation efforts, underscoring the importance of protecting its unique biodiversity for the benefit of present and future generations.

***Mahri GUZYCHYEVA,***
***the 1st year student of the Faculty of International Economic Relations.***

*The President of Turkmenistan congratulated King Carl XVI Gustaf on the National Day of Sweden*

# Ilçihananyň durmuşynda diplomatyň aýalynyň tutýan orny

Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen, men Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanyna laýyklykda, Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçi derejesinde ýurdumyzyň BMG-niň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekiliniň wezipesine bellendim. Täze iş ýerime, ýagny ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherine uçmazymdan bir gün öň — 1992-nji ýylyň 16-njy fewralynda «Нейтральный Туркменистан» gazetiniň baş redaktory L.Glazowskaýanyň haýyşy boýunça onuň bilen duşuşdym we oňa «Esasy zat öz bolşumyzy saklap bilmekdir» atly tema boýunça interwýu berdim. Duşuşygymyzyň soňunda habarçymyzyň maňa ýüzlenip: «Siz haçan-da bolsa bir wagt özüňiziň köşeşdirilmegiňize mätäçlik çekipmidiňiz?», «Ilçihananyň durmuşynda diplomatlaryň aýallarynyň, ozaly bilen bolsa ilçiniň aýalynyň tutýan orny barada näme aýdyp bilersiňiz?» diýip, yzly-yzyna beren sowallary hem şu günki ýaly ýadymda.

Şonda men habarçymyza, elbetde, kähalatlarda özümiň köşeşdirilmäge mätäçlik çekýändigim, köşeşmäni bolsa meni gurşap alýan maşgalamda, has takygy, aýalymda we dört sany gyzymda tapýandygym, wezipäm bilen bagly aladalar näçe köp hem

> Umuman, öz mysalymda aýtsam, onda ilçiniň maşgalasynyň, ozaly bilen bolsa ilçiniň pikirdeşi bolup durýan onuň aýalynyň hemmetaraplaýyn goldawynyň daşary ýurtlarda ilçiniň üstünlikli işiniň esasy şertlerinden biri bolup durýandygyny subut edýär.

bolsa, ýanymda maşgalam bolmasa, Amerikada hem özümi rahat duýmajakdygym, şonuň üçin hem ýanym bilen ol ýere aýalymyň hem-de iki sany mekdep ýaşly gyzlarymyň gidýändigi, uly ýaşly gyzlarymyň bolsa Aşgabatda galýandyklary barada aýdypdym.

Ençeme ýyllaryň dowamynda maňa Birleşen Milletler Guramasynda, Hytaý Halk Respublikasynda, Koreýa Respublikasynda Bitarap Türkmenistana wekilçilik etmegiň miýesser bolmagy, elbetde, meniň ikitaraplaýyn, köptaraplaýyn diplomatiýa, şeýle hem öňüni alyş diplomatiýasy boýunça zehinimiň has-da çuňňur açylmagyna oňaýly ýardam etdi. Şol ýokary derejelerdäki wekilçilik diplomatik wekilhanalarymyzyň durmuşynda ilçiniň aýalynyň, umuman, diplomatlarymyzyň aýallarynyň tutýan we tutmaly orny baradaky bilim bilen tejribämi has-da baýlaşdyrdy.

Diplomatik wekilhanalarda diplomatlaryň aýallarynyň arasynda ilçiniň ýa-da hemişelik wekiliň aýaly iň täsirli aýal hökmünde çykyş edýär, munuň sebäbi bolsa ilçiniň aýalynyň ilçi ýaly öz ýurdunyň wekili bolup durýanlygyndadyr.

Mysal üçin, halkara diplomatik, şeýle hem milli däplere laýyklykda Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygyndan soňky döwürde Türkmenistanyň ol ýa-da başga ilçihanasynda ýa-da Hemişelik wekilhanasynda ýurdumyzyň şanly seneleri mynasybetli kabul edişlikleriň geçirilmegi däbe öwrüldi. Şu jähetden, 1992-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Nýu-Ýorkda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň yglan edilmeginiň birinji ýyllygyna bagyşlanyp, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekili we onuň aýaly tarapyndan kabul edişlik guraldy we bu uly çäre Türkmenistanyň daşary ýurtlarda geçiren şeýle syýasy çäreleriniň ilkinjisi boldy. Şol kabul edişlige 450-ä golaý adam gatnaşdy we ol uly syýasy-amaly ähmiýete eýe boldy, ýurdumyzyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň BMG, oňa agza döwletleriň Hemişelik wekilleri, ABŞ-nyň işewür toparlary bilen aragatnaşyklarynyň pugtalanmagyna ýardam etdi.

Ilçiniň aýaly ilçi bilen bilelikde diňe bir Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynda geçirilýän kabul edişlikleri guraman, eýsem, ol beýleki ýurtlaryň ilçihanalarynda milli baýramçylyklar, ýurt üçin möhüm bolan ýubileý seneler mynasybetli geçirilýän umumy kabul edişliklere hem ilçiniň ýany bilen gatnaşýar. Şunlukda, kabul edişliklerde ilçiniň aýalynyň ilçi ýaly başgalaryň üns merkezinde bolýandygy düşnüklidir we munuň özi ilçiniň aýalyndan ozaly bilen edepliligi, sypaýylygy, mylaýymlylygy we syýasy ýitiligi talap edýär. Ilçiniň aýaly, şeýle hem adamsynyň işe ugradylan ýurduny, şol ýurduň medeniýetini, däp-dessurlaryny, protokolyny we etiketini gowy bilmelidir.



«Ilçileriň aýallarynyň kluby» atly birleşmäniň agzalary.
Pekin, 1999 ý.

Ilçiniň aýalynyň diplomatik wekilhananyň durmuşyndaky orny baradaky gürrüňimizi dowam etmek bilen, ençeme ýurtlaryň merkezlerinde daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylarynyň aýallarynyň klublarynyň hereket edýändiklerini hem belläp geçeliň. «Ilçileriň aýallarynyň klublary» diýlip atlandyrylýan şol birleşmelere işjeň gatnaşmaklyk ilçileriň aýallaryna özara tanyşlygy ýola goýmaga we ony ösdürmäge, birek-biregi öz ýurtlary, halklarynyň däp-dessurlary bilen tanyşdyrmaga mümkinçilik berýär. Munuň üçin ilçiniň aýalynyň, ozaly bilen, öz ýurduny — onuň taryhyny, medeniýetini, edebiýatyny we sungatyny gowy bilmegi möhümdir. Şeýle ýagdaýda ol öz ýurdy, türkmen aýallary barada gyzykly gürrüň berip biler. Eger ilçiniň aýaly söhbetdeşligi daşary ýurt dilinde alyp barmagy erkin başarýan bolsa, onda onuň tanyşdyryş, düşündiriş işiniň netijeliliginiň has hem ýokary boljakdygy düşnüklidir. Şu jähetden, Türkmenistanyň HHR-däki ilkinji ilçisiniň aýaly Maral Rahmanowanyň ýurdumyzyň taryhy, içeri we daşary syýasaty, däp-dessurlary, türkmen aýal-gyzlary barada rus, iňlis we hytaý dillerinde alyp baran düşündiriş işi özüniň täsirliligi bilen tapawutlandy.

Umuman, öz mysalymda aýtsam, onda ilçiniň maşgalasynyň, ozaly bilen bolsa ilçiniň pikirdeşi bolup durýan onuň aýalynyň hemmetaraplaýyn goldawynyň daşary ýurtlarda ilçiniň üstünlikli işiniň esasy şertlerinden biri bolup durýandygyny subut edýär. Amerikan diplomatlary Dž.Trýu we Y.Makomber ilçiniň aýalynyň öz ýanýoldaşyna edýän ýardamy barada pikir ýöretmek bilen, diplomatlaryň aýallarynyň hiç bir hünärde diplomatik gulluklardaky ýaly has möhüm we peýdaly roly eýeläp bilmejekdiklerini, şeýle hem diplomatiýa barada azda-kände eşiden adamlaryň diplomatlaryň aýallarynyň öz ýanýoldaşlaryna nähili goldaw berýändiklerini bilýändiklerini tassyklaýarlar. Belki-de, bu hakykatdan hem şeýledir.

Gürrüňini edýän temamyz bilen baglylykda, zenan diplomatlar barada hem gysgaça durup geçeliň. Taryhda zenanyň ilçiniň wezipelerini ilkinji gezek XVII asyrda ýerine ýetirendigi baradaky delillere duş gelse bolýar. Mysal üçin, 1646-njy ýylda fransuz marşaly de Gabrianiniň ýanýoldaşy polýak koroly Wladislaw IV gelinligini ugratmak ýaly ýörite tabşyrygy ýerine ýetirip, Warşawa ilçi hökmünde ýollanýar. Ol özüni gujurly ilçi hökmünde görkezýär, ýöne tabşyrygyň özi juda şowly bolmaýar, sebäbi iki ýyldan korol ýogalýar.

Soňra XX asyra çenli döwletlerde zenan ilçiniň bolandygy barada taryh dymýar. Şol bir wagtyň özünde hem XX asyrda taryh Hindistanyň, Angliýanyň premýer-ministrleri Indira Gandi, Margaret Tetçer ýaly görnükli zenan syýasatçylaryň ençemesini ýüze çykardy.

Häzirki wagtda, seýrek hem bolsa, zenanlary ilçi wezipesine belleýän döwletler az däl. Şol bir wagtyň özünde hem häzirlikçe, zenanlary ýokary diplomatik wezipelere giňişleýin çekmek meselesi döwletlerde kada öwrülip barmaýar. Adatça, olar döwletleriň diplomatik gulluklarynyň ulgamynda ikinji, üçünji sekretarlaryň wezipelerini ýerine ýetirýärler.

Soňky wagtda käbir döwletleriň diplomatik gulluklarynda zenan diplomatlaryň bu gullukda özleriniň mynasyp orunlaryny eýelemekleri üçin wagtyň ýetendigi barada gürrüňler köp edilip başlandy. Birleşen Milletler Guramasy barada aýtsam, onda bu hökümetara guramanyň ulgamynda işleýän zenan diplomatlaryň sanyny azyndan 30 göterime ýetirmek wezipesi öňräkden bäri BMG-niň Sekretariaty tarapyndan üstünlikli çözülip gelinýär.

***Amangeldi RAHMANOW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, Türkmenistanyň ussat diplomaty, professor, taryh ylymlarynyň doktory, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty.***

# ТУРКМЕНИСТАН – РОССИЙСКАЯ ФЕДЕРАЦИЯ:

## КУЛЬТУРНО-ГУМАНИТАРНОЕ СОТРУДНИЧЕСТВО

Культурные ценности — важнейший элемент общения, взаимопонимания и сближения народов. Благодаря разнообразию культур и традиций в мире, нам дана возможность постоянно узнавать друг о друге что-то новое. Проведение международных культурных форумов, фестивалей, конкурсов, Дней культур являются примером расширения культурно-гуманитарного сотрудничества и способствуют установлению лучшего взаимопонимания между народами и формированию объективного представления об их жизни, традициях и обычаях, воспитания толерантности и уважения многообразия национально-культурных традиций.

Одним из таких событий стало проведение Недели российского кино и анимации, прошедшая в период с 3 по 5 июня 2024 года в Ашхабаде. Данное мероприятие было организовано при поддержке Министерства культуры Туркменистана, Роскино, Русского Дома и Посольства России в Туркменистане и приурочено к юбилею Александра Сергеевича Пушкина, Дню русского языка и вековому юбилею «Мосфильма».

3 июня состоялась торжественная церемония открытия Недели. Кинонеделя началась с захватывающего полнометражного фильма «По щучьему велению», снятому по мотивам популярной русской народной сказки с использованием современных технологических эффектов. Также в первой части программы фестиваля были показаны мультфильмы «Три богатыря и Пуп Земли», «Руслан и Людмила. Больше, чем сказка» и трогательная мелодрама для всей семьи «Я делаю шаг».

Детскую тематику составили фильмы, вошедшие в золотой фонд российской киноиндустрии.. Во вторую часть недели вошли знаменитые картины Ретроспективных классических работ, посвященных 100-летию легендарного «Мосфильма»– «Иван Васильевич меняет профессию», «Москва слезам не верит», «Солярис», а также киноленты Карена Шахназарова «Хитровка» и «Белый тигр», кинопоказ которых состоялся в киноконцертном зале «Ашхабад».



К слову, 30 января 2024 года киностудия «Мосфильм» отметила 100-й юбилей. «Броненосец «Потемкин», «Берегись автомобиля», «Бриллиантовая рука» — эти и другие культовые советские фильмы были сняты именно здесь. На «Мосфильме», одной из крупнейших киностудий Европы, в разное время работали такие классики мирового кинематографа, как Лев Кулешов, Сергей Эйзенштейн, Андрей Тарковский, Эльдар Рязанов, Карен Шахназаров и многие другие. Также 6 июня 2024 года исполнилось 225 лет со дня рождения великого поэта, прозаика, драматурга,историка, публициста, основателя современного русского литературного языка Александра Сергеевича Пушкина.

6 июня 2011 года Президент Российской Федерации подписал Указ о ежегодном проведении Дня русского языка в целях « сохранения, поддержки и развития русского языка как общенационального достояния народов Российской Федерации, средства международного общения и неотъемлемой части культурного и духовного наследия мировой цивилизации».

Трудно переоценивать роль русского языка как средства межнационального и международного общения: на сегодняшний день на нём говорят более 250 миллионов жителей планеты. Востребованность языка подтверждается официальным или рабочим языком различных многосторонних структур. День русского языка включён в международный календарь знаменательных дат ООН – в рамках программы развития многоязычия и культурного разнообразия.

В современном мире трудно представить человека, не обладающего, по крайней мере, базовыми знаниями иностранных языков, так как коммуникация между людьми, нациями и народами невозможна без умения грамотно и уместно излагать свои мысли не только на родном, но также на иностранных языках.

Под понятием изучение иностранных языков лежит не только изучение фундаментальных частей того или иного языка, но и изучение истории, культуры, традиций тех стран, что способствуют развитию и укреплению межкультурных отношений.

Благодаря ключевым идеям внешнеполитической стратегии Туркменистана, сформулированных Национальным Лидером туркменского народа Героем-Аркадагом и последовательно реализуемых нашим Президентом Аркадаглы Героем Сердаром развитие и поддержка русского языка, российской культуры является итогом плодотворного гуманитарного сотрудничества между Россией и Туркменистаном.

***Айгуль МЕРЕДОВА,***
***студентка III курса факультета международных отношений.***

# КО ДНЮ ВЕЛОСИПЕДНОГО СПОРТА И О ПОЛЬЗЕ ВЕЛОСИПЕДА ДЛЯ ЗДОРОВЬЯ

Велосипедный спорт — это не просто развлечение или способ передвижения, это стиль жизни и значимый вклад в здоровье. Ежегодно, во многих странах мира отмечается День велосипедного спорта, который призван напомнить нам о преимуществах этого вида активности и о важности поддержания физической формы. День велосипедного спорта отмечается в разные даты в зависимости от страны. Цель праздника — популяризация велоспорта и привлечение внимания к его пользе для здоровья и окружающей среды.



Велосипедный спорт становится все более популярным во всем мире, и Туркменистан не является исключением. Ежегодно, 3 июня, страна присоединяется к международному празднованию Всемирного дня велосипеда, который был учрежден ООН для привлечения внимания к этому экологичному и здоровому виду транспорта.

В Туркменистане День велосипедного спорта отмечается с большим размахом. В Ашхабаде и других городах страны организуются массовые велопробеги, в которых принимают участие тысячи людей всех возрастов. Эти мероприятия призваны популяризировать велосипед как средство передвижения и способ поддержания физической активности. Велопробеги сопровождаются культурными и спортивными мероприятиями, которые привлекают внимание к важности здорового образа жизни.

Велосипед является одним из самых экологичных видов транспорта, а также доступным способом поддерживать физическую активность. Езда на велосипеде улучшает работу сердца и кровеносных сосудов. Регулярные велопрогулки помогают снизить уровень "плохого" холестерина, увеличивая количество "хорошего". Это способствует снижению риска развития сердечно-сосудистых заболеваний.

При езде на велосипеде активно работают мышцы ног, бедер и ягодиц. Кроме того, укрепляются мышцы спины и рук. Регулярная нагрузка помогает поддерживать тонус мышц и подвижность суставов, что особенно важно для людей всех возрастов.

Велоспорт — отличный способ сжигать калории и контролировать вес. За час интенсивной езды можно сжечь от 400 до 1000 калорий, в зависимости от скорости и сложности маршрута. Это способствует снижению массы тела и уменьшению жировых отложений.

Езда на велосипеде помогает снизить уровень стресса и улучшить настроение. Физическая активность стимулирует выработку эндорфинов — "гормонов счастья", которые помогают справляться с депрессией и тревожностью. Регулярные велопрогулки способствуют укреплению дыхательной системы. Глубокое дыхание во время езды помогает улучшить вентиляцию легких и увеличить их объем. Это особенно полезно для людей, страдающих астмой и другими респираторными заболеваниями.

Велосипедный спорт — это отличный способ поддерживать здоровье, укреплять тело и улучшать общее самочувствие. День велосипедного спорта напоминает нам о важности физической активности и бережного отношения к окружающей среде. Независимо от возраста и уровня физической подготовки, каждый может найти что-то для себя в велоспорте. Начните с коротких поездок и постепенно увеличивайте дистанции, и вы ощутите всю пользу, которую приносит велосипед для вашего здоровья и качества жизни.

День велосипедного спорта в Туркменистане — это отличный повод напомнить о пользе этого вида активности для здоровья и окружающей среды. Велосипед — это не только эффективное средство передвижения, но и мощный инструмент для поддержания физического и психического здоровья. Присоединяйтесь к велопробегам, организуемым в вашей местности, и наслаждайтесь всеми преимуществами, которые приносит велосипедный спорт. Ведите активный образ жизни, заботьтесь о своем здоровье и вдохновляйте окружающих своим примером.

***Аманбагт УССАЕВА,***
***студентка IV курса факультета международного права.***

***6 июня 2024 года исполнилось 225 лет со дня рождения великого мастера слова, русского поэта-классика Александра Сергеевича Пушкина.***



ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Baş redaktor
**Täzegül KULJIKOWA**

*Baş redaktoryň orunbasarlary:* M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
*Jogapkär kätip:* B.Garaýew.
*Jogapkär kätibiň orunbasary:* A.Kaşaňow.
*Bölüm müdiri:* J.Öwezowa.
*Edebi işgärler:* A.Ýazweliýew, O.Çaryýarowa, A.Nobatowa.
*Korrektor:* A.Döwletowa, M.Orazdurdyýewa.

*Redaksion geňeşiň agzalary:*
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, T.Uşakow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com